# Men ýene

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Men ýene MEN YENE



Hamdililla, görmüşem ruhsary aýyň men ýene,
Janym içre jaý kylaý, serwi nahalyň men ýene,
Ýol ýöriseň synam üzre, paýymalyň men ýene,
Arzuw eýläp daýyma tapyp wysalyň men ýene,
Şükürilla dilbera, gördüm jemalyň men ýene.
Niçe gün ýördüm guwanyp, gül ýüzüň görüp nigär,
Gelseň, gitseň, ýoluňda janymy eýläp nysar,

Çün pelek saldy jydalyk, tapmanam senden habar,
Tä oşol wagtydan ýüregim tartyban ah ile zar,
Şükürilla dilbera, gördüm jemalyň men ýene.

Çarhy-pelegiň elinden dat edip, girýan bolup,
Ýyglamakdan akyl-huşum aldyryp, haýran bolup,
Her säherler şamyda men derdi biderman bolup,
Gije-gündiz agtaryp, köýüňde sergezdan bolup,
Şükürilla dilbera, gördüm jemalyň men ýene.

Aýralyk derdine dönmez, ýyglaýyp, suw deý akyp,
Gözýaşym ýollara saçyp, her tarap girýan bakyp,
Ah, neýleý, ol aradan mähweş-a gitdiň çykyp,
Täki ol gün bäri men, örtenip, janym ýakyp,
Şükürilla dilbera, gördüm jemalyň men ýene.

Sen ýörir sen her saba, zülpi syýahyňy daryp,
Men ýörir men, mest-medhuş, telbeler dek telbeläp,
Gam era bu hatyrym aşüftadyr, halym harap,
Hamdililla gül ýüzüňe lahzaýy bu gün garap,
Şükürilla dilbera, gördüm jemalyň men ýene.

Ataşy hijranyňa her dem çyzganyban ah uruban,
Zary-girýan ýyglaýar men, her tarapa telmuryban,
Mähweş-a, tapyp nyşanyňy agtaryp,her ýan ýöräban,
Haly-zarym şerh edip, bu gün gaşyň görüban
Şükürilla dilbera, gördüm jemalyň men ýene.

Eý, nigär, eýleýip bu derde dermanym meniň,
Yyglamakdan teskin etgil, çeşm girýanym meniň,
Hup berar etdi bu gün, bozuk döwranym meniň,
Talyby diýr, ýokdur indi, ölsem armanym meniň,
Şükürilla dilbera, gördüm jemalyň men ýene. Goşgular